# SUNGAT WE ÝAŞLAR

MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ TALYPLAR GAZETI

Gazet 2019-njy ýylyň 25-nji noýabryndan bäri çykýar. № 1 (25) ýanwar-fewral 2024ý. E-mail: tnconservatory @gmail.com


## Sungatlary ýakynlaşdyrýan dostluk köprüsi






Mälim bolşy ýaly, «Pähim – paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly bolan 2024-nji ýylyň başynda uly üstünlikler gazanylýar. Bu üstünlikleriň aglaba bölegini ýaşlarymyz gazanýarlar. Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda ýaşlara uly üns berilýär. Munuň esasynda bolsa ýurdumyzda halkara bäsleşiklere gatnaşýan ýaş talypdyr mugallymlaryň bolmagy örän buýsandyryjydyr.

Gahryman Arkadagly Serdarymyzyň «Ýaşlar-Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabynda hem bilimde, medeniýetde, sungatda hem-de sportda üstünlik gazanan ýaşlaryň köpüsiniň atlary sanaw esasynda görkezilip, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasyndan hem birnäçe zehinli talyp ýaşlaryň bu sanawyň hatarynda atlarynyň bolmagy biz sungat ugrundan bilim alýan ýaşlaryň göwünlerini ganatlandyrýar.

Ýakynda Russiýa Federasiýasynyň Kazan şäherinde 26-njy ýanwar 4-nji fewral aralygynda «Halk saz gurallarynda ýerine ýetirijileriň» arasynda «FOLK-ART» atly Halkara bäsleşigi geçirildi. Şol bäsleşikde Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Halk sazy» fakultetiniň III ýyl talyby Hijran Jorakulyýew 20-25 ýaş sazandalaryň arasynda «Akkordeon» saz guraly boýunça I orna mynasyp boldy we diplom bilen sylaglandy.

Bu bäsleşikde Hijran Jorakulyýewiň halypa mugallymy Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Halk saz gurallary» kafedrasynyň uly mugallymy Tatýana Yuzeýewa Wladimirowna bolsa «Iň gowy mugallym» adyna eýe bolup diplom hem-de minnetdarlyk haty bilen sylaglandy. Bu bäsleşigi Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan we Krym Respublikasynyň hem-de Týumen oblastynyň medeniýet müdirligi, Sahalin welaýat medeniýet we arhiw işleri boýunça ministrligi gurap, bäsleşikde N.Žiganow adyndaky Kazan döwlet konserwatoriýasynyň professordyr dosent mugallymlary hem-de bäsleşigi gurnaýjylar eminlik etdiler.

Ýeri gelende belläp geçsek, 2021-nji ýylda hem Hijran Jorakulyýew öz hünäri boýunça Russiýa Federatiw Respublikasynyň Tatarystan Respublikasynyň N.A.Žiganow Kazan döwlet konserwatoriýasynyň guramagynda «Магия музыки» atly Halkara bäsleşiginde I orna we diploma mynasyp bolupdy.



Osman SAPARGELDIÝEW,
«Halk sazy» hünäriniň
3-nji ýyl talyby.

## Ýaş ussat ýerine ýetiriji we sazanda mugallymlaryň üstünlikleri




Ýaňy-ýakynda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň «Aýdym sungaty» kafedrasynyň sazandasy, ýagny fortepiano saz guralynda ýerine ýetiriji Ýekaterina Darçiýa P.I.Çaýkowskiý adyndaky Moskwa döwlet konserwatoriýasynyň Russiýanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan geçirilen Moskwa şäher Medeniýet müdirliginiň kömegi we «Музыкальный клондайк» atly maglumat beriş merkeziniň hemaýat bermeginde «Sungatyň çägi» (*«Территория творчества»*) atly ýaş sazandalaryň we ýerine ýetirijileriň arasynda geçirilen II Halkara bäsleşigine gatnaşyp, diploma mynasyp boldy. Ol bu bäsleşige öz ýaş düzüminde, ýagny ikinji uly ýaşlar kategoriýasy (25 ýaşdan ýokary) boýunça gatnaşdy. Bu bäsleşige ýerine ýetiriji «Aýdym sungaty» kafedrasynyň uly mugallymy, ussat wokal aýdymçysy Žanna Saýýan bilen bilelikde gatnaşyp, onuň bilen bilelikde daşary ýurt we türkmen nusgawy eserlerini ýerine ýetirdi.

Ýagny, olar J.Werdiniň «Trubadur» operasyndan Leonoranyň Kawatinasyny, W.Belliniň «Norma» operasyndan adybir gahrymanyň kawatinasyny hem-de ussat türkmen kompozitory N.Halmämmedowyň «Geler» hem-de «Haýrana galar» romanslaryny ajaýyp ussatlyk bilen ýerine ýetirdiler.

Bäsleşige Russiýanyň at gazanan medeniýet we sungat işgäri, sungaty öwreniş ylymlarynyň doktory, professor hem-de Moskwa döwlet konserwatoriýasynyň rektory A.Sokolow ýolbaşçylyk edip, Russiýanyň at gazanan artisti, Moskwa şäher edebiýat we sungat baýragynyň eýesi şol konserwatoriýanyň ylmy-metodiki taýdan taýýarlaýyş kadrynyň ýolbaşçysy Ye.Sawelýewanyň hem-de emin agzalarynyň başlygy hökmünde «Konsertmeýsterçilik sungaty» kafedrasynyň uly mugallymy, aspirant Iwan Koşeýew hem-de emin agzalary hökmünde Mihail Korşunow, Nikolaý Manakow we Natalýa Igumnowa dagy eminlik etdiler.

Bäsleşik barada aýtsak, III tapgyrlaýyn sanly ulgam arkaly (online) 1-nji noýabrdan 7-nji fewrala çenli geçirildi. Bäsleşik Moskwa döwlet konserwatoriýasynyň guramagynda geçen ýyldan bäri geçirilýär. Bu bäsleşige geçen ýyl «Ýörite fortepiano» kafedrasynyň uly mugallymy S. Faramazowa hem gatnaşyp, diploma mynasyp boldy. Indiki ýyl bolsa bäsleşik Moskwa döwlet konserwatoriýasynyň aspiranturasynyň 100 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilmegine garaşylýar.

Biz bolsa konserwatoriýamyzyň ýaş ussat sazandasy Ýekaterina Darçiýa bäsleşikde gazanan netijeleri bilen gutlap, indiki bäsleşiklerde hem uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Şular ýaly bäsleşiklere gatnaşmaga uly mümkinçilikler döredip berýän, türkmen medeniýetini we saz sungatyny ösdürmekde, dünýä tanatmakda uly ýardam etýän Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Goý, olaryň janlary sag, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri hemişe rowaç alsyn.



Kuwwat ÝOWBASAROW,
«Sazşynaslyk» hünäriniň
4-nji ýyl talyby.

SUNGAT WE ÝAŞLAR

# HALYPANY ÝATLAMAK PARZ



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen milli medeniýetimiz, sungatymyz dünýä ýüzüne ýaň salýar. Eziz Diýarymyzda türkmen bagşyçylyk sungatynda yz goýup giden halypalary ýatlamakda, halypa şägirtlik mekdebini ösdürmekde uly işler alnyp barylýar. Bagşyçylyk sungatynyň görnükli wekilleriniň biri hem salyr-saryk ýolunyň ussady, halypa bagşymyz Çary Orazdurdyýewdir.

Çary Orazdurdyýew il içinde hormat sylaga mynasyp adamdy. Onuň asyl käri mugallymçylykdy. Onda-da türkmen dilinden we edebiýatyndan ussat hökmünde tanalýardy. Çünki ol birnäçe könelişip giden, klassyk şahyrlaryň syrly setirleriniň köpüsiniň many-mazmunyny-da düşündirmegi başarýardy. Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň goşgularyny, türkmen dessanlarynyň aglabasyny ýatdan aýdyp bilýärdi. Ç.Orazdurdyýew käriniň mugallymçylykdygyna garamazdan aýdym-sazy hem gapdalyndan goýmandyr. Çary Bagşy 1945-1991nji ýyllarda ýaşap geçen ussat bagşydyr.

Ç.Orazdurdyýewde aýdym-saza bolan höwes ir döräpdir. Agasy Jumageldi Amanmyradowyň gürrüň bermegine görä, ol mekdebiň gapysyndan aýdym bilen ätläpdir. Onuň 6-njy, 7-nji synplarda okaýan döwri ol ruslaryň balalaýka diýen üçburçly saz guralyny alynypdyr. Ilki-ilkiler şonda saz çalyp, aýdym aýdar eken. Birneme soňrak rubap saz guralyny alynyp, ony-da derrew öwrenipdir. Şeýdip ol kemkemden aýdym-saz ummanyna içgin aralaşypdyr.

Halypa bagşy ähli öwrenen saz gurallaryny duldan asyp goýup, türkmeniň jadylaýjy goşa taryny özüne hemişelik ýaran edinipdir. Ol ýylsaýyn däl, günsaýyn kämilleşipdir. Aýdym bilen sazy deň ýöredýär eken. Saz çalmakda saz sungatynyň ägirtleri Durdy Myradowdyr Durnazar Hudaýberenowdan, Agamyrat Nuryýewdir Bäşim Geldiýewden, Ýazgeldi Kuwwatowdyr Amannazar Ataýewden tälim alsa, aýdym aýtmakda bolsa meşhur Agajan bagşynyň (Agajan aryk) şägirdi Sähet Gultakdan, Aman Annaýew- den, Gurt Ýakubowdan, Aman Arnagylyçdan we beýleki bagşylardan köp zatlary öwrenipdir. Şol halypalar bilen örän ýygy aragatnaşykda bolupdyr. Adyny agzan sungat ussatlarymyzyň hemmesi-de Çarynyň aýdym aýdyşyna, saz çalşyna ýokary baha berýärdiler. Bu bolsa Çarynyň aýdym-saz äleminde ussatlyk, halypalyk derejesine ýetendigine şaýatlyk edýärdi.

1978-nji ýylda Garagum etrabynyň açylmagy bilen Çary Orazdurdyýewi etrap medeniýet bölümine işe alypdyrlar. Ol medeniýet işgäri hökmünde daýhanlaryň, maldarlaryň arasynda ýygy-ýygydan bolup, olaryň armasyny aýdym–saz bilen ýetirýär eken. Ömrüniň soňky ýyllarynda etrapdaky çagalar sungat mekdebinde işlemek bilen ýaş nesle dutar çalmagy, aýdym aýtmagy öwredipdir. Häzirki döwürde onuň aýdymyny, sazyny şägirtleri bir kemsiz ýöredýärler. Çarynyň ogly Hydyr Orazdurdyýew, Saparmyrat Amanmyradow şägirtleri Öwezgeldi Ataýew, Rejepgeldi Orazlyýew, Bazar Berkeliýew we başgalar il içinde adygan bagşy sazandalar hökmünde tanalýarlar.

Biz ýaşlar üçin şular ýaly ussat halypalary ýatlamaga türkmen bagşyçylyk sungatynyň halypa-şägirtlik mekdebini ösdürmeklige döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!



Karwan AGADURDYÝEW,
«Bagşyçylyk sungaty» hünäriniň
3-nji ýyl talyby.

**Türkmen edebiýatyny içgin öwrenýän, söýüp okaýan ýaşlara Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, Halkara ýazyjylar birleşiginiň agzasy Atajan Taganyň “Kyrk ýylda ýazylan kitap” atly gündelik ýatlama laryndan parçalar:**



Üstünde ýöreýäniň üçin ýeriň agramy ýokdur öýtmeli däl.

*

Gowy eseriň gowy baha almazlygy gowuluk bolmasa-da, erbetlik däl. Belkem, ol awtor üçin bähbitlidir. Ýöne erbet eseriň özüne mynasyp baha almazlygy, has beterem gowy baha almagy awtora duşmançylyk, okyja aldaw, edebiýata hyýanatdyr.

*

Şöhratdan gaçýan adamyny şöhrat beýgeldýär. Şöhraty özi kowalap tutjak bolýany şöhrat biabraý edýär.

*

Geniý öz geniligine akyl ýetirmäge ukypsyz bolsa-da, geniý däl adam özüniň geniý däldigine akyl ýetirjek bolmaly.

*

Türkmenler “Suw getirenem bir, küýze döwenem” diýýärler. Özbeklerde “Suw ketiren har, küýze döwgen zor” diýilýär. Meniň pikirimçe, özbekleriňki has täsirli ýaly. Gojuk obasynda ol nakyly “Suw getiren har, küýze döwen şir” diýip üýtgedýärler. Her kim her zat diýse-de, suw getiren bilen küýze döweniň hersine mynasyp baha berilmeýäni üçinem abat küýzeleri döwüşdirip ýörmeli däl.

*

Ýaň diýilýän zadyň öz sesi bolmaýar. Ol diňe başga sesi gaýtalap bilýär. Durmuşda-da tä ömri ötýänçä, başgalaryň pikirini gaýtalap ýörenler bar.

*

Iň güýçli hem weýran ediji ýaraglary akyldar adamlar oýlap tapýarlar. Ýöne ol ýaraglar akylly adamlar döredeni üçin howply däl-de, olary akmaklaryňam herekete getirip bilýändikleri üçin howply.

*

Gory gutaran şahyr goşgy ýazyp bilmän, poema ýazýar. Gory gutaran ýazyjy hekaýa ýazyp bilmän, roman ýazýar.



# Magtymguly Pyragynyň goşgularyna ýazylan aýdymlar

**Türkmen sazynyň taryhynda Garaşsyzlyk ýyllary täze bir sahypany açdy. Bu ýyllarda kompozitorlar türkmeniň beýik taryhyna we häzirki gününe esaslanyp, köpsanly täzeçe öwüşgünli wokal eserlerini döretdiler. Ol sazlar eziz Watanymyzyň, türkmen halkynyň geçmişine buýsanç, şu gününe we geljegine uly ruhy joşgun döredýär.**








Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligini beýik şahsyýetleriň biri hökmünde hemmetaraplaýyn öwrenýär. Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz milli mirasymyzy, edebiýatymyzy, şol sanda nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiligini giňişleýin öwrenmelidigimizi nygtap, bu ugurda ägirt uly işlere badalga berdiler. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň goşgulary üç asyra golaý wagt bäri türkmen halkynyň we dünýä halklarynyň kalbynda ýaşaýar. Magtymguly Pyragynyň dürli temalara bagyşlan goşgulary agzybirlige, watansöýjülige, jebislige ruhlandyrýar, ol ruhy täsir şu günlerde-de öz beýanyny tapýar. Gündogar türkşynas A.Wamberi: "Magtymgulynyň eserleriniň biziň üçin gymmatlygy onda türkmen diliniň örän sap nusgalarynyň barlygydyr" diýip nygtaýar.

Şahyryň döreden şygyrlarynyň aglabasy medeni mirasymyzyň ebedilik hemrasy boldy. Magtymguly Pyragynyň halkyň ruhuna siňen ajaýyp setirleri milli aýdym-sazymyzyň göwher gaşy dek türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde hem mynasyp orun aldy. Beýik şahyryň goşgularyna we döredijiligine bagyşlanyp türkmen kompozitorlary tarapyndan döredilen eserler saz sungatynyň taryhynda öçmejek yz galdyrýar. Magtymgulynyň edebi mirasyna milli kompozitorçylyk mekdebiniň ähli nesilleriň wekilleri ýüzlenýär. Olar dürli žanrlarda eserleri döretmek bilen meşgullanýarlar. Ý.Meýtusyň "Magtymguly" operasy, A.Kulyýewiň "Magtymguly" simfonik poemasy, W.Muhadowyň "Magtymgulynyň ýadygärligine" atly 1-nji simfoniýasy, A.Şaposnikowyň "Meňli hanym", D.Öwezowyň "Gözleriň", "Gözlär men", "Neýläýin", H.Allanurowyň "Näme sen", N.Halmämmedowyň "Aýa döndi", "Ýaşynda", "Mallar dargady" we şahyryň goşgularyna sekiz romansdan ybarat wokal toplumy, A.Agajykowyň "Aýryldym", D.Nuryýewiň "Geçdi diýdiler", "Solupdyr pygan bilen", O.Gurbannyýazowyň "Boýlaryna", Ç.Nurymowyň "Oýanmaz", "Armanym galdy", D.Hydyrowyň "Aşyk bolmuşam" (N.Halmämmedowyň ýadygärligine) aýdymlary, S.Nyýazowanyň "Monologlar" aýdymlar toplumy, M.Annamyradowyň "Näbilsin" aýdymy, Magtymgulynyň we Mollanepesiň goşgularyna "Täleý" atly kantatasy, N.Halmämmedowyň "Magtymguly", "Bagtyndan juda düşen Pyragy" atly kinofilmlere sazlary, S.Tüýliýewiň "Türkmen binasy" atly okaýjy, solistler, hor we simfonik orkestr üçin waspnamasy, "Dünýä, heý!" atly wokal toplumy aýdyň mysal bolup bilýär.

Magtymgulynyň goşgularyna türkmen kompozitorlarynyň hemmesi diýen ýaly romansdyr aýdymlary ýazdylar. Olaryň arasynda kompozitor Suhan Tüýliýewiň türkmen şahyrlarynyň şygyrýetine ýüzlenmegi döredijiliginiň türkmen halkynyň baý hazynaly ruhy dünýäsi bilen berk baglanyşyklydygyny görkezýär. Magtymgulynyň *"Türkmen binasy"* goşgusy S.Tüýliýewiň aýdyň eserleriniň biri — okaýjy, solist, hor hem simfonik orkestr üçin "Türkmen binasy"*(2008)* waspnamasynyň edebi esasy boldy. Bu eser Garaşsyzlyk eýýamynyň gimnine öwrülip, baýramçylyk konsertleriniň we çäreleriniň ençemesinde ýerine ýetirildi. S.Tüýliýewiň "Türkmen binasy" eseri 2023-nji ýylda Aşgabatda TÜRKSOÝ-ýyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen türki döwletleriniň medeniýet hepdeliginde ýaňlandy. Türki döwletleriniň opera aýdymçylary bu eseri azerbeýjan, gazak, gyrgyz, türk, özbek we türkmen dilinde Arkadag şäheriniň açylyşynda hem dabaraly ýerine ýetirildiler.

2014-nji ýylda S.Tüýliýew Pyragynyň goşgulary esasynda "Dünýä, heý!" atly üç bölümli wokal toplumyny ýazýar. Awtor şahyryň baý mirasyndan "Ili gözlär", "Neýleý, indi biçäreýim", "Ýeldim tuf" ýaly üç sany goşgusyny saýlap alýar. O l a r mazmun taýdan bütewi toplumy emele getirýär. Bu wokal toplumy kompozitoryň döredijiliginde filosofik mazmuna ýugrulan şahyrana eserdigi, milli häsiýeti heňiniň labzynyň owadanlygy bilen tapawutlanýar. Toplumyň "Ýeldim tuf" atly jemleýji aýdymy üçin awtor ýedi bentden ybarat bolan Magtymgulynyň adybir goşgusyndan bäş bendi saýlap alýar. Ol sazynda bagşy Gurt Ýakubowyň aýdan "Söwdügim" atly halk aýdymynyň äheňlerini ulanýar. Bu bölümiň heňinde birinji bölüminiň sazyna meňzeşlik duýulýar.

"Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda biz — ýaşlar hem öz gezegimizde Magtymguly atamyzyň 300 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaralara öz mynasyp goşandymyzy goşjakdygymyza ynandyrýarys. Biz ýaşlara giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Goý, olaryň janlary sag bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!



**Döwran GYLYJOW,**
**«Ülenip çalynýan saz gurallary» hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

OÝLANMA

# Ýagyşly gijäniň syrly ýatlamalary

Men okuwdan boşap ýol bilen öýe gaýtmak isledim. Şol islegimiň yzyna düşüp, ýoluň gyrasy bilen assa basyp ýöräp gelşime birden aýak çekdim. Asman maňa, misli meniň içki dünýämi okaýan ýalydy. Hamala diýersiň ol meň pikirimi makullaýan ýaly göründi. Asman bilen gürleşip barşyma öýe ýetenimi duýmadym. Öýe girip üst-başyma serenjam berip oturşyma, penjireden gelen şemal meni özüne çekdi. Men penjiräň öňüne gelip, daşaryny synlanymda ýagyş meniň penjirämi kakmaga başlady. Penjirä degýän damjalar meniň ýüregimiň urgusyny sanaýan ýalydy. Ilki birinji damja, soňra ikinji soň üçünji, dördünji şeýdip damjalaň sany barha köpelip ýagyş ýagmaga başlady.

Ýagşyň çyglyja şemalyna, lezzet alyp durkam, birden pasyrdaşyp penjiräň öňüne, iki sany gumry gelip gondy. Olar ýagyşdan goranýardylar. Gumrular maňa bizi ýatlatdy... Ol gün ikimiz okuwdan soň gezelenje çykdyk, howa-da diýseň ajaýypdy. Şäher içinde ýerleşýän kiçiräk çaýhanalaryň birinde oturyp, ondan-mundan gürrüň edip wagtyň geçeninem duýmandyrys. Wagt bir çene barmanka gaýtmak bilen bolduk. Şeýdip, ikimiz ak şähermiziň ýagty köçelerinden ýöräp gelýärdik.

Şeýdip, ýöräp gelşimize birdenkä şemal öwsüp, ýagyş seçelemäge başlady.

Biz ýagyşdan goranmak üçin uly bagyň saýasyna girip, tebigatyň bize duýdansyz eden öwrülşigini synlanymda birden gözlem saňa düşdi. Seň gözleň meni synlaýardy. Ol gözler maňa birzatlar diýmek isleýän ýalydy. Ýagyşam diňmän ýagýardy.

Men saňa seredip gözlem bilen "näme?" diýen manyda ýşarat etdim. Sen bolsa ýylgyryp "ýok" diýen many bilen başyň ýaýkadyň. Ol barmana-da ýagyş diňmäge başlady. Soň biz ýene ýolumyzy dowam edipdik. Biz umumy ýaşaýyş jaýyna ýetýänçäk ne-hä senden, ne-de menden ses çykdy. Umumy ýaşaýyş jaýynyň deňinde sen meň bilen hoşlaşyp yzyňa öwrülip, ýöräp barýadyň. Men bolsa seň yzyňdan saňa seredip öz-özüme "Eger söýýän bolsa sereder, söýmeýän bolsa... ol barmana-da sen seretdiň". Men şeýle süýji umyt, arzuwlar bilen umumy ýaşaýyş jaýyna girdim.



Mähri TEKÄÝEWA,
«Aýdym sungaty» hünärindäki
1-nji ýyl talyby.

# AWANGARD modada







XX asyr ençeme wakalary başdan geçiren jedelli döwür hökmünde taryhyň sahypalaryna girdi. Bir tarapdan – döredijilik açyşlary we ajaýyp özgerişler, beýleki tarapdan bolsa gandöküşikli söweşler, adamzada garşy zorluk hem sütem ýaly ýatdan çykmajak hadysalar öňki asyrlar bilen arasynda diýseň uly araçäk goýdy.

XX asyryň başynda sungatyň klassiki kadalaryny we ýörelgelerini aýgytly inkär eden ähli çeper akymlary awangard adalgasy bilen umumylaşdyrylýar. Onuň yzyna eýerijiler adaty jemgyýetçilik tertibini ret edip, üzül-kesil özgerişlere synanyşýarlar. Olaryň eserlerinde köplenç, Ýewropanyň postimpressionizm, fowizm, kubizm, ekspressionizm, futurizm ýaly ugurlarynyň elementleri birleşýär. Umuman, awangard dünýä sungatynda we medeniýetinde düýpli öwrülişik döredýär.

Bu akym ilki bilen suratkeşlikde özüniň aýdyň beýanyny tapýar. Oňa mahsus bolan aýratynlyklar soň-soňlar sungatyň beýleki görnüşlerine hem öz täsirini ýetirýär. Binagärlikde, edebiýatda, teatr sungatynda, jaýlaryň içki dizaýnynda üstünlik gazanan bu özboluşly ugur geýim stilinde-de ýüze çykýar.

Awangard – adaty çarçuwa ters gelýän standart däl moda tendensiýalaryny öz içine alýan geýim stilidir. Awangardyň modada ýüze çykmagy bilen baglanyşykly takyk seneleriň adyny aýtmak kyn. Ol takmynan, geçen asyryň 60-njy ýyllarynda Ýewropada Pýer Kardeniň awangard stilindäki eşikleriniň ýygyndysyny hödürläp, moda arenasyna çykmagy bilen döreýär.

Şeýlelik bilen, awangard XX asyryň dünýä medeniýetinde düýpli öwrülişigi amala aşyran, sungatyň düýpesasyna täzeden düşünmäni durmuşa geçiren, täze çeperçilik formalaryny we beýan ediş serişdelerini döreden hadysadyr. Hut şonuň üçin onuň estetiki meseleleri häzirki günde hem çuňňur öwrenilmäge mynasypdyr.



Jeýran JORAÝEWA,
«Sungatnaslyk» hünärindäki
3-nji ýyl talyby.

# Skripka görnüşindäki gämi



Suratda görýän skripkaňyz saz guraly däl-de, onuň nusgasyndaky gämidir. Skripkanyň şekilindäki gämi belli suratkeş hem agaç ussasy Liwio De Marçi tarapyndan ýasalypdyr. Onuň öňem dürli şekilli ýüzýän gämileri ýasandygyny aýratyn bellemek gerek.

Emma häzirki wagta çenli agaç ussasynyň «Ferrari» kysymly awtoulagyň şekilindäki gämisi has-da meşhur boldy. Skripkanyň şekilindäki gäminiň uzynlygy 12 metre barabar bolup, onuň ini 4 metre deňdir. Gämi suw geçirmeýän berk agaçdan ýasalypdyr. Ussa elektrik hereketlendirijisi bolan gämini ýasamak bilen daşky gurşawy goramak maksadyndan ugur alandygyny nygtaýar.

Italiýanyň Wenesiýa şäheriniň ýanyndaky Uly kanala goýberilen gämide syýahatçylar üçin ýerli konserwatoriýanyň sazandalary nusgawy saz eserlerini ýerine ýetirýärler.



Taýýarlan:
Altyn GURBANGULYÝEWA,
«Kirişli saz gurallary» hünärindäki
1-nji ýyl talyby.

SUNGAT we ÝAŞLAR



Biziň salgymyz:
744000 Türkmenistan, Aşgabat ş., 1984 köç., 22
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy
Tel.:(+99312) 92-31-37, Faks (+99312) 92-36-11
Internet sahypamyz: tmkonserf.edu.tm

Redaktor Gülzada BAZAROWA
Kompýuterde bezän Kadyrmyrat GURBANOW